Lýudmila RUBLÝOWSKAÝA
(Belarus Respublikasy)

Şlýahet hekaýatlary

LEBIZ

Garaňky oktýabr gijeleri başlandy — garalyp ýyldyzlar görünmeýär, umytsyzlygy ýatladýan, bitakatlykdan howpurgadyjy tümlük. Her ädenimde, aýagymy zordan alýardym, şonda güýz säherinde oýtaňlykdaky dumanly aýaz mazalyja eýimi ýetiripdi. Žandarmlaryň atlary ýokaryk, depä tarap dyzaýardylar, ýöne gymyldar ýaly däldi, sowukdan ýaňa endamyň ysgyny gaçypdy — onuň özi hem dumandan we palçykdan guýlan ýalydy. Çalaryp galan ýalaňaç agaçlarda hallan atýan geçiguşlar täsin bezeg bolup, iri garlar, hamala, üzülen dür monjuklar ýaly şahalardan aşak seçelenýärdi, Andrus şol wagt bu çalaja çybşyldy özüni aýan eder öýtdi. Geçiguşlar asla gymyldamaýardylar. Daşyndakynyň eýmenmesi, megerem, olara-da geçendir?!

Onuň idelip ýörleni bäri eýýäm iki hepde geçipdi. Oglanlaryň diňe dördüsi galypdy, muňa özüňi ýitirmez ýaly hem däldi, emma dört adam diýmek umyt hem berýärdi. Daşlaryndaky halka jebisdi, ýöne olar töwereginde gözi bar ýaly Argusy göreniňde, hiç zatdy. Çar tarapa pelesaň kakyp ýörüşlerine olaryň ele düşeni hem bolupdy, has erjelleri ýazzyny beripdiler. Şonda-da soňundan belleşilen ýere gelmegi we hemme zady ýaňadan başlamagy gepleşipdiler. Andrusa öz

1. Polýaklarda ownuk mülk dworýanlygy

dogduk ýerinden gapdala süýşmek ýakymly bir ejirdi. Ol hyýalynda-da, «gidýän», «gizlenýän» diýen sözleri ýatlasy gelmeýärdi... Haçandyr bir wagtlar özüniň ýeňiji bolup geljegine şübhelenenokdy, özem ol ýowda taplanan söweşjeň gerçekleriň başy bolar. Ol Aneliň jemalyny görkezjek bosagasynyň agzynda gylyjyny ýyldyrym ýaly salgap, oňa habar gatar. Altyn saçy başyna jyga ýaly oralan, iki sany dup-dury köle çalym edýän göm-gök gözünde onuň suw perisi gizlenendir. Ol oňa atyndan düşmän, tagzym edýär, ýere seredip, onuň ýeňiljekden näzik göwresini mähri bilen guçýar! Olaryň bireýýäm donlary biçilipdi. Mülkleri goňşuçylykda, ata-eneleri ýakyn gatnaşykda, haçan-da Täze ýyl baýramçylygynda Metluşkanyň kümüş tozgajyklar sahylyk bilen sepilen lybasyny geýnen ýaňagy gyp-gyzyl, aglan gyzja-gaza özüniň iň gowy görýän oýunjagyny — «serkerdesini» beripdi — şonda hem onuň näzijek eline özüniň bar oýunjaklaryny bermäge taýyn bolubam pikirlenipdi, — hem belli bir karara gelipdi: ulaldygy, onuň ýakymly garaýşyny gazanar... Hawa, gowy gyzlaryň, üýtgeşik zenanlaryň söýgüsini gazanmak gerek! Has beteri hem onuň lapynyň keç bolýan ýeri, edermen gerçege meňzemeýänligidi, — saçy jyrk sary, boýy bolsa, ortatap, pälwan sypat egni ýok — damarlary çykyşyp dur hem gujurlyja! Asla, onuňky ýaly mönsüz gözli gerçek söweşiji bolýarmyka?! Ol ýetişip barýan zyba maşgala, onuň hyýal edip oturyşyna gülküsi tutýar: söýmek, bu söweşdäki ýaly däl, onda gabaw diňe nazarlarda, sözde, owadan güllerde... Men seniň üçin saýrynyň galasy däl, ahyryn, gadyrdan.

Ol öýkeledi we derýanyň eňňit kenaryna ylgap gitdi. Täzeden ýene yzyna — eli gülli dolanyp geldi...

Andrus ýüregine yssylyk berýän bu ýerleri aýlanyp geçerin öýtdi. Ýöne owsun bilen öz ýagysynyň agzyna barýan haýwan ýaly, şol ýere barýanyny özi hem duýman gitdi. Öz öýüne barýarmydy?! Hut şol ýerde oňa ýagylary garaşýandyr. Olar onuň gelinliginiň öýüni-de ýöne goýmandylar.

...Hawa, Aneliň doglan günüdi, onuň magşugy aý-aýdyň tomus günlerinde, äpişgäniň daş ýüzünde bitip oturan ýemşen ak patrak bolup açylanda hem-de margaritka güli kän aýak sekmeýän ýodajyga seçelenende, jahana gelipdi. Andrus hem ony gutlaman geçip bilmändi, burk urýan tokaý güllerinň bir gujagyny alyp gelipdi. Myhmanlar az däldi, olaryň ählisi hem gowy dostlarydy...

Mawy gözli goňşulary Walentine hem ýaraýardy. Iň geň ýeri hem muny onuň özem bilýärdi, ýogsam söýülýän iň soňunda bilip galýandyr. Olar şonda Anel zerarly hyňranyşypdylar — özlerem ýaňy on dörtlerindediler, bu häki bir çaga dyzmaçlygy ýalydy. Dişlerini gysyşyp girrelişipdiler. Endam-janlaryny dyrnaçaklaşdylar, ululardan aýrylyşdyrypdy! Şonda Anel aglapdy, olary aralaşdyrjak bolup, ara hem düşdi, köýnegini zaýalady: «Gaýdyp dawalaşmaň! Men hemişe hem Andrusy gowy görýän! Söz berýän!». Soň gözi gyzaryp duran Walentin hem Andrusyň elini gysypdy.

Anel girelgedäki dälizde myhmanlary garşy alýardy, oturanlaryň bolsa, ählisi-de keýpi çag görünmäge çalyşýardylar. Gyzyň elinde atlaz bag bilen boglan owadan kagyz haltajyk bardy. Walentin çyny bilen ýylgyryp, töweregindäkiler bilen salamlaşdy. Andrusyň bardygyna üns bermedi. Andrus bolsa, olar ýaly edip başarjak däldi. Şonuň üçinem ol çykyp gidipdi. Andrus köne dostunyň özüne ýaraýandygyny duýýardy, dogruçyl adamlarda bu hemişe-de şeýle, erbetdir öýdýän adamyň gowy bolup çykýar.

Gaýdyp barýarka, Walentiniň oňa duýgudaşlyk bilen ýylgyryp seretmegi hasda täsir galdyrdy. Anel görgülijik şonda hemmelerden beter gorkdy, Andrusyň ony janypkeşlik bilen köşeşdiresi geldi. Gaýdyp barýarka, onuň gulagyna: «Ilkinji ýyldyz

çykanda, maňa deŕyanyň kenarynda, ekinçiligimizde garaş» diýip pyşyrdady. Ol hem oňa tolgunyp garaşdy, hamala bu duşuşyk onuň tutuş ömrüni doňduryp goýan ýalydy. Ýyldyzlar gezekli-gezegine ýaldyraşdylar, ol welin gelmedi. Ahyry durşuna aga bürenip, onuň ejizje göwresi göründi. Gözlerinden ýaş syrygýardy, ýogsam ol heniz diridi ahyryn! Ol bolsa ömürlik hoşlaşýan ýalydy. Onuň şeýle bir söýgüsi güýçlüdi, oňa meýil etmekden ýaňa, süňňi bilen gagşaýardy, ýöne ol adamdy. Ol häzir akylyndan azaşan bolsady, hemişelik telbe bolup galmaga hem kaýyldy.

Soň olar Aýyň astynda gaýykda ýüzdüler. Onuň söýgüsiniň oduny häzir suw hem sowadyp biljek däldi, onuň ýanyndan gitse, öleninden hem beter görjekdi. Ýöne umytdan düşmändi, ýeňişli dolanyp gelmelidi.

Ol dolanyp geldi. Üsgülewügi gursagyny ýaryp gelýärdi. Andrus nirede düşlejegini eýýäm pikirlenipdi, ol Walentiniň ýanyna barar. Ol duşmanlara öň hem ol hakda syzgyn bermändi. Ondan soň iki ýyl geçdi, şol wagtyň içinde ol özgeren däldir, öň ýamanlamadyk indem beýtmez. Onsoň hem Andrus keselli hem tapdan düşen, Walentin hem sahawatly adam. Onuň gypynç edip ýaşar ýaly, dili gysga ýeri ýok.

Howludan çykan oglanjygyň eline berlen hatyň jogaby üçin köp garaşmaly bolmady. Şondan bir sagat geçeninden soň, Andrus gus-gury düşekde başyny goýupdy, edil öli ýaly uklap galypdy. Ondan hiç zat soralmady, düşündirjek bolup ol başyny hem agyrtmady. Walentin janyna jaý tapman gelen, eginbaşy köne-küşül, saly öçük ýigide geňirgenmeýän ýalydy. Ol onuň öňünde mert durdy. Andrus hem şu ýere gelenine begendi. Uka gitmezinden öň hem, ol Anel barasynda oýa çümdi. Ony ol öz golaýjagynda duýýar. Ertir sag-aman turmaga howlugýar. Ol Anele bir habar ugradar... Belkem, ol onuň özüni hem görer! Wah, bu onuň üçin tapylgysyz uly bagtdy!

Hawa, şonda ol dogrudanam Aneli görüpdi, onuň ýüzi naşyja, saçlary örülip, başyna jyga ýaly aýlanypdyr — gözüne görünýändir öýtdi! Ol jandurmazlykdandyr, onuň maňlaýyna elini goýdy: düýşi däl... Andrusyň hyýaly gönüni elesletdi: Anel... Ol ony görenine hem şeýle bir bagtlydy, onuň horlanyp eräp gidenini hem aňşyrmady.

— Häzir duşmanlaryň seni idäp gelerler.

Onuň bu sözleri aňy almady.

Ol bolsa tutuk hem-de saly öçük ses bilen ýene gaýtalady:

— Seni tutarlar. Tur, näme üçin bärik geldiň?

Andrus hakyt, oňa elini uzatjak boldy, ol bolsa gapdala çekildi. Gorkudan jany çykara geldi.

— Walentin gowy, ol meni duşmanyň eline bermez. Seni meniň ýanyma ugradan hem şolmy?

Anel içýakgyç güldi.

— Meni bärik getiren ýok, men şu ýerde ýaşaýaryn.

— Ýaşaýaryn? Näme üçin?

Andrus aýraçylygyň hiç yzyna dolap bolmajak yzasyny, özüniň haýyna duçar bolanyny duýsa-da, bu sapaly pursaty uzaldasy geldi...

— Ýadyňa düşýärmi, meniň doglan günümi bellänim?! Walentin şonda seniň geljegiňi bilýärdi. Ýasawullar seni tutmaga gelipdiler.

— Walentin ony etmedi...

Anel «gürleme» diýip, yşarat etdi:

— Şonda ol meniň öňümde şert goýdy. Meni dälize çagyryp, eger özüne durmuşa çyksam, seni azat etjekdigini, ýogsa-da, aklaryň seni alyp gitjekdiklerini aýtdy. Men seni halas etmek üçin, onuň aýdanyny etdim.

Andrus gagşady, onuň hiç haçanam şeýdip üşüden ýeri ýokdur.

— Sen hem...

— Biz nikalaşdyk, men Walentiniň aýaly. Ol öz sözünde durdy, menem...

Andrus yzaly gursagyny tutdy... Onuň bogazy doldy, üsgürdi, Anel oňa stoluň üstünde duran melhem içgiden uzatmak isledi. Ýöne ýigidiň:

— Sen indi bagtlymy? — diýen sowalyna onuň ýüzi gyp-gyzyl boldy.

— Maňa seretsene — Andrus onuň mawy gözlerine çala nazar aýlady. Gynanmakdan ýaňa ýene gagşady.

— Meniň takdyrym bilen işiň bolmasyn. Meniň durmuşym seniň gözýaşlaryňa degmeýär. Meniň öz ili üçin janyny gaýgy etmeýän gerçekdigimi unutma! Henizem bolsa, ondan arany aç!

Anel eli bilen ýüzüni tutdy.

— «Ondan git!» diýýärmiň?! Meniň bu hakda pikir etmedik günümem ýokdur. Enem-atam hem maňa düşünerler. Ol maňa jebir berenok, ahyrynda yrlar diýýändir. Allanäme, pälwan ýigit, oňa men diýen asylzada ýerleriň gyzlarynyň hem göwni gidýändir. Men welin ol her gezek elini tenime degrende, saňňyldaýaryn, edil nähilidir bir mahluk maňa elini uzadýan ýaly. Ýöne nädeýin, men söz berdim.

Andrus başyny ökünçli ýaýkady.

— Sen meni halas etjek bolup, oňa söz berdiň. Men tutulsam tutulaýyn, ýöne sen azat bol! Eşidýärmiň?

— Dost jan, bu beýle hem däl.

Gapy giňden açyldy-da, otaga Walentin girdi. Edil hemişekileri ýaly, özüne ynamly, dogumly. Andrus böküp turdy, ýöne üsgülewügi tutdy... Nazarlaryň çaknyşmasy — dueli netijesiz soňlandy — Walentin özünde birjik-de müýn duýmaýardy. Ol edil öz dostunyň oýunjagyny güýç bilen onuň elinden alan ýalydy.

— Andrus, sen iň gowusy irkil. Şu gün agşam lukman geler, ol gowy adam. Anel, bar sen öz otagyňa gidäý.

— Men azajyk oturaýaýyn — aýalyň sesi özelenip çykdy.

Walentin dişini gysdy, gaharyna basalyk berýän bolmaly.

— Sen biderek alada edýärsiň. Saňa hiç kim azar bermez. Hiç hili howp ýok. Sagalarsyň-da gidersiň. Men saňa, serhetden geçýänçäň, kömek ederin.

Andrus Anele tarap gözüni aýlady, onda begenç bilen hasrat hem bardy, özüni emelsiz duýdy.

Aýal adamsyna ikirjiňlenmeli sowal berdi:

— Onda bu ýerde ýasawullar näme işleýärler?

— Olara biriniň biziň tarapymyza geçenini habar edipdirler. Andrus, sen gaty arkaýyn hereket eden bolmaly — Walentiniň äheňi sowukdy. — Häzir men çykyp, olary başga tarapa gider ýaly ederin. Olaryň poruçigini men tanaýaryn. Hiç kim men aldaýandyryn öýdüp pikir hem etmez. — Öý eýesiniň sesi öçli çykdy. Walentin aýalynyň egnine elini goýdy. — Ýör... Syrkaw rahat ýatsyn!

Anel boýnegijilik bilen başyny atdy.

— Bolýar, seniň aýdanyň...

Onuň sesi edil saralan ýapraklar çala çybşyldap eşidildi. Ol gapa tarap haýal ädimläp gitdi. Andrus ýumrugyny düwdi. Bendi görgüli... Ol öz halkyna erkinlik alyp bermek üçin göreşdi — öz söýgüli gyzyny bolsa duşmanynyň eline berdi. Ol çydar hem-de kaýyl bolar, ol gaty merdemsidir, bir wagtlar şadyýandy hem. Şundan soň ol kim bolýar?

Äpişgäniň aňyrsyndan gödek sesler, gülküler, atlaryň tapyrdysy eşidildi. An-

drus äpişgä ýakyn bardy. Dogrudanam, atlylar. Ikisi harby derejeli. Edil iki ýyl mundan öňküleri ýaly. Walentiniň dogumly gepleýäni eşidilýär. Andrus ýassygynyň aşagyny sermedi. Onuň ýaragy ýanyndady, ol heniz kişä boýun egip hem görmändi. Onuň özüne öýünden ýatmaga ýer beren adamy onuň atmajagy düşnükli. Andrus äpişgäni açdy we towsup, ýazylyp ýatan ýapraklaryň üstüne ýykyldy. Agaçlaryň aňyrsynda gizlenip süýşenekledi. Onuň eli saňňyldady, çenemän göni atyp goýberdi. Ýasawullaryň biri elini egnine ýetirdi...

Onuň bary-ýogy ýekeje oky bardy. Ol uzak gaçyp biljek däldi. Tutdular-da, ony daňdylar we hojaýyndan alnan araba taşladylar. Hojaýyn öýüniň töwereginde bular ýaly myhmanyň bardygyna geň galan bolarly, gözüni tegeläp geňirgendi. Ýasawullar ol jeza çenli ýaşamaly, üşemesin diýendirler. Ýyly eginbaş berdiler.

— Sen näme üçin beýtdiň?

Anel aglaman sorady — gözünde ýaş görünmeýärdi, otly uçgun bardy.

— Indi sen meni halas etjek bolmarsyň. Özüňi halas et! Söz berýärmiň?

Ol pyşyrdady:

— Seniň ogluň bardyr...

— Näme?

— Hawa, saňa meňzeş, akýüzli we alçajyk. Ady — Konstantin.

— Sen... — Andrus daňylgy bolany üçin, gepläp bilmedi, bagtdan ýaňa welin göhi geldi. Taňrym, onda nähili güýç bar!

— Maňa Walentin oglumy bermez — Muny Anel aýtdy.

— Men dolanyp gelerin. Sizi halas ederin — Andrus birden gazaplandy.

Ýagyş topraga onuň gyşky jansyzlygyna ahmyr edýän ýaly, ajy ýaşyny dökýärdi. Birdenem aşak talawlaýan tutuksy bulutlarda gijigen ýyldyrym şöhratly söweş gylyjy ýaly ýaldyrap, derwezäniň agzynda çola ýola garap duran aýalyň mawy gözlerinde öwüşgin atdy.

Oglanlar üçin pansionda, beýlekileriň arasynda hem V derejeli harby çinli Walentiniň ogly, on iki ýaşly R. Konstantin hem okaýardy, bu ýerde örän berk düzgün-nyzamlylyk höküm sürýärdi. Okuwçylaryň belli bir topary gaznanyň hasabyna saklanýardy, ähli kişi üçin diýen ýaly hem berk maksat — patyşa goşunynyň hataryny doldurmakdy. Şonuň üçinem esasy üns wepalylykda jan-tenden berlen we bedeni gujurlylary terbiýelemäge berlendi. Demirgazyk-Günbatar ülke jebir baryny görüpdi, indi olara imisala durmuş gerekdi, ýaş hem-de gujurly güýçler hem şonuň üçindi.

V derejeli harby çinli, dogrusyny aýtsaň, özüniň ýalňyz ogly üçin has gowy ýerleri hem saýlap bilerdi. Onsoň hem Konstantin R. akýagyz, düşbi oglan, ol dil ugrundan has ökdedi, ýöne tertibi üçin karsere[1] düşýän gezegi-de bolýardy. Kakasy ogluny dynç alyş döwründe hem öýüne seýrek çagyrýardy. Ol sallah galyp, soň ýaňadan öýlenipdi. Oglan seýregrägem bolsa, mamalaryna gidegendi, pansiondan daşyna çykmaga rugsat edilmeýärdi. Konstantin köp wagtyny kitaphanada geçirýärdi. Nemes dilinden okatmaga gelen täze mugallymyň apak saçy bardy, onuň gujurly hem-de ýeňil gopýan göwresi öň ol syýahat etmegi gowy görýän adam bolandyr diýdirýärdi. Ol Konstantiniň ukyplylygyny bilip, onuň bilen goşmaça taýýarlanmaga başlapdy. Şonuň üçinem ol oglany ene-atasynyň ýanyna alyp gidýändigini aýdanda, geň görmändi.

V derejeli harby çinli Walentin R. hem öz ogluny idäp hem ýörmedi. Bu ýerde bir gizlinlik bardy.

---

1. 1917-nji ýyla çenli mekdeplerde wagtlaýyn jeza bermek çäresine niýetlenen otag.

LIKANTROP[1]

Pürslük uzyn sosnalaryň şahalarynyň depesi Gün düşüp, dür öwüşgini berýärdi, gap bilinden başlap bolsa, könelen deýin garaňkydy, ýere ýakyn bölegindäki ýaş näzik başlary tutuksy, çal moh bilen örtülip, bu onuň tersine, oňa düýbünden şöhle düşmeýärdi. Şemal gaty güýçli bolmasa hem, agaçlar yraň atýardylar, giňden ýaýylan şahalary bilen çaknyşýardylar. Wargunyň mülküniň äpişgesinden synlaýan üçin, sosnalar göni üstüne abanyp, ebeteýsiz, şol bir wagtyň özünde hem gorkunçdy, hiç epilmeýän aýaklary bilen bir tarapdan beýleki tarapa yraň atyp gelýärdiler, edil häzirjek gurşundan goýlan çarçuwaly ýukajyk aýnany edil gaty toýnak ýaly şahalar bilen döwjek bolýardy...

Mülkdäki adam özüniň inçejik eli bilen äpişgäni açdy, üçünji gatyň ýokarsyndan aşaklygyna eglip, gygyrdy:

— Grin! Bu gün awa gitmeris! Itleriň gapysyny ýap! Men özüm aýtmasam goýberme...

Aşakdan biri gödek hem-de nadyl ses bilen:

— Isleýşiňiz ýaly, pan[2]... — diýip, oňa jogap berdi.

Itleriň gazaply üýrmesi ýatyşdy.

Adam äpişgäniň agzyndan aýryldy, mahmal donuny sowukdan üşeýän ýaly, kükregine çekdi, otagyň içinde aýlanyp başlady, birdenem togtady-da, ajy ýylgyrdy, äpişgäni ýapmady... Ýene-de, nämedendir, ýene-de şeýtdi... Eý, Taňrym, eý Taňrym...

Bu obada adamlaryň ýaşaýşy gaty gurply, asyl öň görlenden däl. Öýleriň üçegi saman bilen basyrylanok, ybadathanalaryň çerepisasy, ýaýbaň tagtalardan — Günüň dogýan tarapyna bakdyrylan, her howluda hem leglegiň höwürtgesi bar... Pan ýasawul töweregine seredişdirdi we birdenem özleri hem atlary ýaly garagäz bolup, tapdan düşen žandarmlaryna gözi düşdi. Aslynda bu ýerde hem köçeler Russiýadaky ýaly. Ýöne Russiýa däl. Litwinler[3], belaruslar yarymçyl halk. Olar sarymsagy halkalap, «ýaramaz zatlardan goraýar» diýip asyp goýýarlar.

Pan ýasawul dodagyny çommaldyp otyr. Indi bu ýerler kekiniňki. Geljekde megerem, çala başy çatylan bir rus dworýanyna nesip eder...

Güýzüň güneşi soňky şöhlelerini Demirgazyk-Gündogar ülkä boldan eçilýärdi. Ýoluň üstünde sosnalar baş atyşýardylar, halkalanyp gidýän kölegesi bolsa atlaryň aýagynyň astynda galýardy. Onuň şowurdysy — edil tolkunlardy... Azajyk hyýal öwürseň, Günüň şöhlesinden lowurdaýan, ak derýanyň düýbünden gidip barýarsyň...

Şu mülküň çägi bolsa-da ahmal. Iki sany deriden edilen kiçijik telpekli, şoňa magerki diýilýän bolmaly, adam ýola böwet bolýan pürsi agdaryp ýör... Şu Wargunlaryňky hem köne, köp mahallap ugry idelmedik jaý, ortagürp daýhanlaryňkydan birneme gowurak... Eýesi — hakyky şlýahet, hondanbärsidir, atasynyň atasyndan galan kakylmadyk köne halylaryny güýe iýip eden deşiginden göwnüni uly tutýar...

Sosnalar jaýlaryň diwarlaryna degip durandyr. Bina, şeýle seredeniňde, kiçi däldi, üç gat edilen, çykalgalary haýbatly erňekleri bilen birigip gidýärdi. Ýogsam birneme ugruna seredilmedik. Poruçigiň[4] aty toýnagy bilen batgany syçradyp, egşäp

---

1. Slawýan däplerine görä, möjege meňzeşligi, mifologiýada we çeper edebiýatlarda kesgitli möhletde möjege öwrülen ýa-da möjege öwrülmäge ukyplylygy aňladýar.

2. 1. Gadymy grek mifologiýasynda Hudaýyň ogly. 2. Transmilli familiýa.

3. Taryhy çeşmelerde Beýik Litow knýazlygynyň ilatyny aňlatmak üçin ulanylan adalga.

4. Kiçi ofiser düzüminiň harby çini

sandyraklaýar. Atlara nä döw çaldy? Mülküň hojalyk jaýlarynyň bir ýerlerinden itiň ýüregedüşgünç uwlamasy hem munuň üstesine...

Myhmanlara niýetlenen ullakan otagyň äpişgesinden gyzaryp, Gün ýaşyp barýar (eýsem şolar ýaly gijigipmi?). Diwardaky gara reňkli mebel içiňi gysdyrýar. Bu ýerlileriň edişleri ýaly, çykalga ýakyn çüňkde hem peç goýulýar. Ýasawul ýaldyraýan ýaşylymçyk kafel goýlan peçe gözüni dikip otyr, her kafeldäki şekiljigem oňa üşerilýär. Poruçik ýasawullaryň arka ýüzünde otagy bezeýän haýwan gäplerini görüp, haýran galýandyklaryny eşidip otyr. Zubrlar, ýabany öküzler, sugunlar, loslar[1], aýylar, ýekegapanlar diwarda edil diri ýaly edilip goýlan, gözleri ganöýen, şahlary yraň atýar...

Sýurtuk geýnilgi, saçy dulugyna çenli garalyp duran öýdençeri içýakgyç hormaty bilen gepleýär:

— Pan Leonard mertebeli jenaplardan ötünç soraýar, saglygy gowy bolmandygy üçin, olary özi elin garşylamak üçin, aşak gelip bilmeýär. Pan mertebeli jenaplara kitaphanasynda garaşýar...

Poruçik pikirlenýär: hojaýyn, geň ýeri, gorkan bolmaly. Zeleli ýok. Özümiz ýanyna baraýarys, kynçylygy ýok.

Poruçik we ýasawullaryň üçüsi öýdençeriň yzyna düşüp, agaçdan ýylmanyp edilen basgançaklar bilen ýokary galýarlar. Howludan itiň edrenç sesi we atlaryň tisginip kişňemesi töwerege ýaýraýar.

Oňaýly wolter kreslosynda kaşaň hem-de mertebeli görünýän, çekgesi çalaran pan otyrdy. Onuň egninde al reňkli, garamçyk jümjüme reňkli, ýalpyldawuk ýüpek matadan jäheklenen mahmal don, aýagynda ujy gaňrylyp duran tikilen türk aýakgaby bardy. Ýüzük dakylgy elini gelşikli hereketlendirip, ol galyň kitabyň sahypalaryny açyşdyrýardy...Ol juda ezber awçy hem diýýärdiler...

— Hormatlylar, bagyşlaweriň, ýerimden galyp bilemok, guragyrym bar.

Şu sypaýydan parahat ses we howalasy belent mawy göz poruçigiň ganyny depesine urdurýar. Ah, näletsiňmiş, hondanbärsi şlýahetliler... Dur bakaly, gadyrdan, imperatoryň buýrugyny diňle: «Bedasyllara ýardam edeni üçin...Dildüwşükleri aýtmandygy... Tussag edilmeli... Öýüni dökmek... Emlägini öwezine almak...».

Pan Leonard pikire çümüp, guşagynyň ujundaky gaty owadan al gotazy elinde oýnaýar. Ýogsa-da, myhmanlar ediljek wagtynda geldiler.

— Öýüm siziň ygtyýaryňyzda. Ýöne syrkaw adama kreslodan galmazlyga ygtyýar ediň!

Agajet eli bilen ýene kitaby alýar. Poruçik gykylyklap, buýruk berýär — ömürboýy hol duran çäç çaşkalara guýup, çaý içen sypaýy asylzadanyň sesi, özi bilmezden, içi ýanýan oglanlaryňky ýaly çakyr çykýar — poruçik olar ýalyny diňe şu hem öýlenmelidir diýip asla hasap hem edilmedik maşgalalarda görýärdi...

Göräýmäge, mymyk ýaly görünýän ýüzükli elinde kümüşden haşamlanan tüpeňi, şalaryň awy bolan zubr hem aýagynyň astynda ýatyr, hakyky dürler tikilen aýakgabyny ýyladyp dur. Bular ýaly dar agajyna-da ajy ýylgyryp gider. Minutsaýyn ofiser saýry tokaýlarda we batgalyklarda esgerleri bilen azaşyp, ýakynyndaky şähere ýetmäge, iň çalt gideniňde, bir günlük ýol bar ýaly aljyraňňylygy duýýar.

«Bary meniňki bolar!» diýip aňastyndan bir gowy pikir gelýär, poruçik ýene öňküsi ýaly ynamly daraşýar, ýasawullara bendilige buýrulany saklamagy tabşyryp, özi galanlara näme etmelidigini aýtmaga gidýär.

Kitaphana itiň çyňsamasy bilen döwlen gabyň sesi we aýalyň iňlemesi eşidilýär.

---

1. Sugunlar maşgalasynyň iň iri görnüşi.

Garalýar. Mülkde yşyklar ýakylýar. Poruçik öý dökendigi barada howlukmaçlykda resmi hatyny düzýär. Ertir ýene-de sentýabryň palçykly ýollary, batga guşlarynyň tutuk sesleri, her obajykda hem haja çüýlenen Isa...

Şu gün adam ýaly ýatyp bolmagy mümkin, per düşekde, jenabyň depesiniň bezegi üstüňe düşýän ullakan krowatynda Pan Leonardo ertire çenli kitaphanasynda — gowy görýän kitaplary bilen oturjakdygyny aýtdy. Intelligent adam. Ýasawullaryň biri gapyň öňünde we äpişgäniň agzynda hem iki sanysy, ýeterlik...

Onsoňam aşhanadan bularyň ýüregi dokunar, ol öwüp aýdyp gutarar ýaly däl... Aşpezler olara ýarasa gerek.

Pan Leonardo özüniň oňaýly kreslosynda otyr. Äpişgäniň öňünde sosnalaryň garaňky sudurlary hallan atýar. Şemal güýçlenende, olar diňe baldaklary bilen däl, şahalary bilen hem çaknyşyp, şonda hem agajyň agaja urulýan sesi eşidilýär. Birdenem köne kitaplaryň ysyna müňläp dürli ys-koklar goşulýar, hamala sesi eşidilmeýän gural — soň tutuş bir orkestr bolýar. Pan Wargun iň bärkisi goňşy mülkdäki ýangynyň ajy ysyny hem duýdy.

Sesleriň goşulyşmasy birbada güýçlenýär — millionlap ses — şybyrdy, şarpyldy, düňküldi, çawuş çakmak, aýak sesi — ýadaw beýnä kürsäp girýärler, ýaňadan aňyňy aýlamak üçin bir salym gerek.

Wagty ýetdi... Pan Leonardo ses-selemsiz galýar-da, tegelek mermer stoldaky şemi üfleýär. Tümlük höküm edip başlaýar, ýöne gözi şeýle bir ýitelýär — töwerekdäki ähli zatlar hamala çal reňkde ýaly bolup gowy saýgardýar. Indi endamy erbet gijimsiräp başlaýar... Pan şolbada kemerini çözýär, donuny taşlaýar. Donunyň gyzyl reňki pikirini garjaşdyrýar, Wargun hem ony taşlan ýerinden alýar-da, şkafyň aşaky gözüne salýar.

Bedeni gujurlanýar, onuň özi hem haýran galýar, ol äpişgeden jyklaýan dolan Aýdan gelýändir.

Adam ähli irkilipdir, kuwwatdan hem-de göwnühoş nadanlykdan ýene ýüküni ýetirer. Dört aýak bolup, ýerinden galmak islegi eýgerder ýaly däl. Güýçli jandaryň arlamasy ýa-da uwlamasy gysylan dişiniň arasyndan syzylýar. Äpişge gijäni daşary goýberip, çalajadan açylýar. Aşakda žasmin bitýän ýerde iki sany nejis ak başgaply görünýär.

Wargunyň mülkündäki ikinji gatyň äpişgesinden ýaňy gaýmalaklaşyp başlan ýaprakdan düşelen halynyň merkezine otly ýaprak ýaly çal gözüni kölegeledip, äpet möjek ses-selemsiz böküp düşýär. Itler içgysgynç uwlaýarlar, athanadaky atlar gazygyndan boşanjak bolup dyzaýarlar, howlynyň adamlary hiç seslerini çykarman, krowatlaryndan galýarlar, pallap, öz otaglarynyň äpişgesine hem-de gapysyna hiç jyn-arwah girmez ýaly, sarymsak bogdagyny asýarlar; çokunyp, ýene-de ýerlerine geçýärler, yrymçyl, tutuk, arkaýyn...

Irden öýdençer köp wagtlap ýygnaşdyrýar, gijeki gelmişekleriň nirä sumat bolandyklaryna asla geňirgenip hem oturmaýar.

Pan Leonardo kitaphanasynda, oňaýly wolterian kreslosynda otyr. Gyzyl mahmal dony ullakan peşşik gotazly guşagy bilen daňlan, ýüzükli owadan elinde latynça goşguly kitabyň sahypalaryny agdarýar, äpişgäniň agzynda mülke tarap egilse-de, hijem oňa doly ýetip bilmeýän sosnalar hallan atýar...

— Grin, itleri taýýarla! Şu gün awa gidýäris.



UNUDYLAN KARNAWALYŇ KÖLEGESI

Altyn çaýylan gurşun kagyz gowy ýelmenmeýärdi, şonuň üçinem sowut rehimsizlik bilen gylyçlanan ýalydy. Şonda-da Antik başga karnawal lybasyny edinmek islemeýärdi. Ol diňe kümüş rysar bolar! Bularyň edil tugralaryndaky ýaly. Uly uýasy Nasta eýýäm el-aýagyny durşy bilen ýelim edip, kümüşsöw gyýkyndylary üstüne ýelmeşdirip gaharlanyp başlady, — tapýan zadyny diýsene!

Karwarowyň maşgalasynda Rožděstwo[1] baýramçylygy aýratyn şowhun bilen bellenildi. Iň bärkisi, kakalary-da, göräýmäge, agras hem haçan görseň, işli adamdyr welin, arçany bezeşmäge gatnaşdy, karnawal degişmelerini we oýunlaryny oýlap tapmaga kömek etdi.

Şu Rožděstwoda şeýle hem öňünden hiç kime bildirmän taýýarlanan sowgatlar hem kändi. Ululary öýüň içinde ikibaka syrly ylgaşýardylar. Zaira diýilýän tüýli pişik eneleriniň gowy görýäni bolany üçin, taýýarlyk görülýän ýere çüňkdäki otagdan mawlap geçip gidýär. Ýogsam şkafda we dörtburç çeleklerde gutujyklar, sowgatlyk haltajyklar gizlenilip goýuldy. Bularyň maşgalasynda satyn alnan sowgatlardan başga-da birek-biregiňe öz eliň bilen edilen bir zady sowgat bermek däbi hem bardy. Bolmanda, ýüzi gaýmalanan mahmal gapjyk ýa-da lipa agajyndan ýonulan atly, ol ýönekeýje bolsa-da, örän dogumly görünýär.

Antik öýdäkileriň her birinden näme sowgat alasy gelýän bolsa, şonuňam sanawyny düzdi. Onuň arzuw edýän ähli zatlarynyň tebigy ylymlardaky barlaglara degişli bolmagy hem geň däl, Rožděstwo sowgady hökmünde formalin çüýşesini edinmek welin asla hiç kimiň kellesine-de gelmezdi. Gurçuklary, gurbagalary, haždyklary we beýleki gaty özüne çekmeýän jandarjyklary toplamak endigi Antigi Nastanyň joralarynyň ýanynda anjaýyn biri edip goýupdy — ol gyzjagazlaryň käbirini öz otagyna çagyryp, olaryň haýran galyşmalaryndan göhi gelýärdi.

Tekjede goýlan, içinde jandarjyklar ýüzüşip ýören bankalaryň tertipli hatary diňe gimnaziýaçylarda täsir galdyrmaýardy. Diňe Stas diýýän goňşulary onuň kol-

1. Bu baýramçylyk gadymy kitaplara görä, Isanyň doglan gününi alamatlandyryp, «dogulmak» (rožděstwo) diýen söz bilen aňladylýar.

leksiýasyna pisint edip durmaýardy. Ol lukmançylyk uniwersitetiniň birinji ýylynda okaýardy, saçyny uzyn edip ösdüripdir, indem sakgal goýbermekçi bolýarmy, ýogsam oňa bu wagt gelişmeýärem, sakgally adamlar peşeneli görünmeli ahyryn!

Stas juda akylly hem dogumly. Onuň bilen bular üç ýyl mundan owal garagözelek, çekinjeň ýetginjek Nastanyň saman başgabyny almak üçin, Balamut çuňňuldygyna çümüp gitdi. Şonda öý terbiýeçisi — fransuz zenany gorkudan özünden gitdi, onuň ýüzüne suw pürkdüler, özüne gelenden soň, köp wagtlap ondan mademuazel Aliniň Stas diýip atlandyrýan «ser Lanselotyň» başyny çaşyryp, özüni suwa urşy hakynda hiç ýerde geplemezligini haýyş etmeli boldy. Antigiň bary-ýogy sekiz ýaşy bardy, ýöne täze ullakan tanşy onuň bilen edil uly adamlar ýaly, meselem, gurbaganyň dem alyş ulgamy hakynda ýa-da haýwanlardaky magnit hadysasy hakynda, ýa-da Darwiniň ewolýusion teoriýasy hakynda gepleşýärdi.

Antik öň Stas bilen näme üçin görüşmändiklerine çyny bilen gynandy. Stasyň doglan ýeri — Zalesýe, olara golaýdaky mülk. Olaryň Derýajygynda, Karwarowlaryň öýünde hem myhmana hemişe ýüzleri açyk. Şeýle hem Stas çuňňuldykly wakadan soň her dynç alşynda gelýärdi. Stasyň ata-enesi hakynda Antik hiç zat bilmeýärdi, zalesýaly pan — zähmet dynç alşyndaky harby adamdy, Sankt-Peterburg bilen gatnaşygy bardy, özi hem şol ýerden gelipdi. Zalesýaly jenaplar goňşularynyň hijisi bilen hem ýakynlaşjak bolup, azara galmaýardylar. Ýöne munuň üýtgeşik manysy hem ýokdy, sebäbi Stas Derýajykdaky mülke guş perlerinden we ýumurtgalaryndan eltip, kolleksiýalaryny baýlaşdyryp otyr. Derýajygyň haýwanat dünýäsine, şondan soň iki sany — süýt ýaly ap-ak, mymyjak, buluda tarap ümzük atyp, pasyrdaýan owadanja kepderileriň jübüti hem goşulypdy.

Antik soňabaka özünden kän uly dostunyň diňe bir haýwanlar hakdaky kitap getirmek üçin gelmeýändigine müňkür bolup ugrady, ol gyňyr Nasta bilen hem görşüp, haýsydyr bir Dostoýewskiý, Slowaskiý, Zolýa, asla-da Antige düşnüksiz bir zatlar hakynda hem gepleşdi. Olar köplenç jedelleşmäge çenli baryp ýetýärdiler, şonda Nasta gyzaryp aglaýjak bolýardy. Onuň mawy gözi ýanýardy, geplände sesi titreýärdi, şolar ýaly bolanda, Stas özüni erkek kişä mahsus alyp barýardy, sowukganlydy. Antigiň özi-hä Nasta ýaly bilen gepleşmän gaçyp giderdi. Mademuazel Alin hem durup bilmän, şular ýaly bolanda, ysgalýan duz almak üçin, ylgap giderdi, elbetde bu onuň özüne gerek! Stas hem özüne göwnüýetijilik bilen gülümsirärdi. Antik her gezegem öz uýasy indi bu garagözelik oglany göresi hem gelmez diýip içinden begenerdi. Myhman gaýdanda, ol Nastanyň ýüzünde mylaýymja ýylgyryşyň peýda bolýandygyny duýýardy, uýasy birsellem öý goşlaryna serederdi, soňundan şol ýylgyryşam ýitip giderdi.

Şolar ýaly ýylgyryş onuň ýüzünde öýdençer aýal zalesýaly jenabyň oglunyň gelendigi barada habar berende hem peýda boldy. Antik basgançakdan eglip, aşak seretdi. Stas örän kaşaň geýnüwli geldi: boýuny tutup duran gara palto, üstündenem gözenek şal atylgy — şlýapasynyň erňegi giň, şol ýerjagaz hem gar örtülipdir, iki elinde-de — agyr goş!

— Ah, meniň kiçijik goňşym! Şu siziň karnawal lybasyňyz öýdýän?

Kakalary Mihail Karwar hemişe, näme üçindir, Stas bilen oýundan gepleşerdi. Ýaş oglan hem ahmal galmazdy, onuň bilen sarpasyny saklap gepleşerdi:

— Pan Mihail, talyplaryň geýnişi şular ýaly.

— Be-e, şinel, mundir, tugraly furažka, ellik dälmi?

— Biz pylan zat geýmeli diýip durmaýarys, sebäbi talyplaryň ýagdaýy her hilisi bar. Bu — diskriminasiýa! Şonuň üçinem ýönekeý işgärleriňki ýaly geýnip gidäýýäris.

— Aý, bolýar-da, kemiňiz ýok. — Kakalary agras gepläp aýtdy. — Şu gün agşam, ýaşlar, hezil edip şatlanyň.

Myhmanlar edil hemişekiler ýaly köpdi. Hanym Marysýa, Anatol daýynyň dul aýaly, pan Mihailiň dogany dagy geldiler. Marysýa hanym ençe ýyllap gara geýnip gezipdi, şu gün bolsa ol kümüş-çal reňkli boldumly lybas geýipdir. Marysýa bilen gülkünç hem-de çypar gyzlary Ganka bilen Gapka hem gelipdirler. Pan Mihail Gorkawiç mülkünden gelen maşgalany garşy aldy: agajet, çal saçy gysgajyk bejerilen, rim leşgerbaşysy ýaly, hasaly pan Witoldy, dolmuş we hoşgylaw hanym Ýadwigany, olaryň ogly geljekki hukukçy, örän tertipli bolandygy üçin, tutuksy ýaly görünýän Radus. Şadyýan baýramçylyk şowhuny öýe gözel gyzyň sandygyna düşen dürli hili gymmatly daşlar ýaly öwüşgin berdi.

— Karnawal! Karnawal! Maskalaryňyzy taýýarlaň!

Antik öz otagyna atylyp gitdi. Galkan, çyndanam, hakyky ýalydyr. Gylyjy hem çyndandyr-la: gadymy, söweşiňki, öň köp ulanylan — öňküsi ýaly ötgür däldigi üçinem berendirler. Hawa, rysarlaryňka birjigem meňzänok, kiçijik — bular ýaly gylyçlar uly söweşlerde ulanylmaýar. Oglanjyk ýaragyny saga çepe galgadyp gördi — aždarhany öldürdi, onuň zäherli gany otuň üstüne akdy.

Myhman jaýynda eýýäm maskalylar ýygnanypdylar. Ulular lybas üýtgetmäge gatnaşmadylar, diwara ýakyn goýlan oturgyçlarda ýerleşdiler. Ýadwiga hanym hödür-kerem goýlan stola ýakyn oturdy — Deryajyk mülküniň şekere ýatyrylan iýmişleriniň tagamy unudar ýaly däl.

Ejeleri açyk ýaşyl köýnekli, hoşgylaw, owadan, Nastanyňky ýaly mawy gözli, myhmanlaryň biriniň ýanyndan beýleki biriniň ýanyna barýar, onuň sözlerini eşiden adamlaryň, edil çeşmä Günüň düşüşi ýaly bolup, ýüzleri açylýar.

Nastanyň ýüzleri garjaşyp duran adamlary hem ýylgyrdýandygyny, olaryň gönüniň açylýandygyny görüp, ejesine gözi gidýär. Pan Karwar ömrüni erteki ýaly gyzykly durmuşda geçirendir, hiç erbet adam ýa-da bişowluk ýok — aýaly hemişe-de şeýle sypaýy, açyk gönünli, sada, entek sesini gataldan gezegi hem ýokdur. Edil «perişde ýaly» diýilýän aýaldyr.

Mademuazel Alin beýle däl, talapkär, ynjyk, şeýleligi bilenem ýadyňda galýan mademuazel Alin birdenkä garagol Kalombinanyň1 lybasyny geýnip çykdy. Radus haç tikilen ak lybasa örtünipdi. Ganka bilen Gapka halparyp ýatan giňlikdäki krinolinli2 we başlary jygaly, ýöne haýsy şa gyzyny janlandyrmakçy bolýandyklaryny olaryň özleri bilýändir-dä. Şol gyzyl-ala mähelläniň içinde ýakasy bokurdagyna diräp duran, ýönekeý gara penjekli Stas saýlanyp durdy. Ol saýhallylyk bilen çypar uýalaryň degişmelerine jogap berýärdi. Onuň geýnişi karnawallardaky hyýalbent gahrymanyň, salykatly söweşijiniň keşbine laýyk gelýärdi. Pan Mihail tamburmažoryň3 ýeňles görünýän lybasyny geýnip, zömmek, gaty başgaply çykdy, elindäki ullakan taýagyny ýere bar güýji bilen urdy.

— Karnawal başlanýar!

Pan Mihailiň peşşik murty özüniňkidi, ol ýüregi bilen ýylgyrýardy, daşyndakylaram oňa ýylgyryşyp, ellerini çarpýardylar. Birdenem Gapka gygyrdy:

---

1. Italýan halk maskalar komediýasynyň däp bolan gahrymany, garagolluk bilen täsir etmäge gatnaşýan hyzmatkär zenan.

2. Jañjagaz dakylan, gapbilde inçe aýlawda berkidilen aşaklygyna uzyn bolup gidýän köýnek (XIX asyryň ortalaryna çenli ýörgünli bolan)

3. Kapelmeýster — 1) marşda orkestre ritm beriji; 2) marşdaky üflenip çalynýan orkestre dirižýorynyň ritm berýän taýajygy.

— Entek garaşyň, Nasta gelmeli!

Şadyýanlykda goh edişip, gyzy adyny tutup çagyrdylar. Şolbada ikinji gatyň galereýasyndan täsin gözelligi ýatladýan gündogar heňi eşidildi. Kimdir biri ýalpyldawuklary seçeledi, şolbada hem basgançagyň üstünde gar tozgajyklary gaýmalaklaşdy. Ýokarky basgançakda duran sudur doňdurylan ýalydy. Näzijek, edil çeşme suwy ýaly päkize gyz gymmatly daşlardan lowurdaýan, edil zümerretden ýasalan ýaly köýneklidi, köýneginiň ýokarsy ýüpekdi, altynsow guşaklydy, ak atlazdan geýimi ýaşylymçyk-çal reňkli, ösümlik nagyşlary bilen bezelendi. Burny çömmerip duran altyn aýakgaply, kellesine ak ýüpek mata oralan, oňa-da perjagaz berkidilipdir, ýüzüne aňyrsy görnüp duran nikaply, ol edil suw perisi ýaly! Iň bärkisi, Antik hem uýasyny birbada tanamady — ol köp wagtlap öz otagyny gulplap oturdy, ejesiniň ýukajyk tutulyk pelerinasynyň nirä ýitirim bolany indi belli! Diňe ullakan mawy gözlerinden tanaýmaly, olary gizlejek gümanyň ýok.

Ol akgynly, mylaýym sazyň owazyna basgançakdan aşak düşdi. Nikabyň aňyrsyndan onuň ýylgyrýany göründi. Birsalymdan aňalyşmalaryny bes edip, hemmeler täzeden el çarpyp başladylar, oňa mylaýym habar gatdylar. Gündogar gözeline tarap orta asyrlaryň hoşgylaw rysarlarynyň ak penjegini geýen Radus we gara penjekli Stas ýöneldi. Şa melikesi ilkibada äwmedi, soňam ýigitleriň ikisine-de elini berdi.

— Tans edeliň! — Pan Mihail hojaýynsyrap gepledi.

Tans başlady. Her kim hezil edindi, ertirki günüň kyssasynyň surnukdyryjylygyna tagapyl etmezlikden ýürekleri odugypdy. Hawa, geçi, aýy, sygan, agaçdan ýonulan gaty çüňküni gorkunç takyrdadýan leglek hem peýda boldy. Sowgatlary diýsene! Antik kakasynyň beren on iki esse ulaldýan mikroskopyna hemem Stasyň etimologik kolleksiýa üçin ýygmak gaty geň toplumyna (karwarlaryň öýüniň töweregindäki kekeneleriň dat gününe!) has-da begendi.

Iň soňunda-da — sanýaly gezelenç.

Hawa, Antik görgülini ýatmaga iberdiler, onuň göwni ýok ýaly!

Ak zümerret deýin, altynsow öwüşgin bilen çaýylan gyz mülküň garaňkyran dälizinden barýar, şowhun mülküň birýerlerine siňip gowşady. Haçanda ol aýnaly, tegelek uly tama baranda, gar syran äpişgeden biriniň garasy göründi.

— Stas! Sen näme gaýdyberdiň?

Ýaş ýigit çokunylýan ýerde goýlan yşyga äňedip, gussaly otyrdy.

— Stas!

Gyzyň sesinden garagol çaga käýinilýän ýaly çala igenme duýuldy. Ýeke özi duran ýigit ýüzüni galdyrdy, kellesini has merdemsi tutdy.

— Panna Anastasiýa, meni alada etmäň! Men ýeke bolmaga öwrenişipdirin. Bir özüm oturyp, pikirlenmegi gowy görýärin.

— Bilýän-le, sen meniň Radus bilen tans edenimi gaty gördüň.

Garaňkylykda ýüzüň gyzarýanynyň bildirmeýäni bir gowy zat. Stas özüni asuda alyp barjak bolup jan etdi. Bujagaz gyzyň öňünde gülki bolasy gelmeýär. Ol bar güýjüni jemläp:

— Bagyşlaň, men siziň kim bilen tans edeniňize üns bermändirin, onsoňam kim bilen tans etseňiz, bu siziň öz şahsy işiňiz. Meniň keýpim gyzlaryň bolgusyz oýunlary bilen asla bagly däl...

Wah, ahyrynda ol şuny aýdyp, özüniň gaty görenini bildirtdi. Häzir diňe yzyna gitse gowy... Hawa, ýene sosial adalatlylyk üçin göreşiji diýjeksiň...Görgüli Werter...

Ýaş ýigit öz-özüni pikirleri bilen igeläp otyrka, Nasta oňa golaý geldi.

— Samsyjak. Radus çagakam, bile oýnanym, barypýatan dendi1. Men onuň nämesini gowy göreýin?! Çişmegiňi bes etsene...

Stas gyza tarap öwrüldi.

— Bagyşla, men özümi edil çaga ýaly alyp barypdyryn...

— Sen çaga-da! — Nasta oňa güldi.— Ýene-de özüňi Turgenýewiň Bazarowy hasap edýärmiň?!

— Ýöne Turgenýew hem köp babatda mamla — diýip, Stas bir durkuny saklap gepledi. — Iň bärkisi, seniň eneň-ataň hem — näçe akylly bolsalar-da, olar şol jenaplyklaryna galýarlar. Sada halk bilen deňeşdirer ýaly däl. Seret, şu günüň özünde näçe pul harçlanyldy, bir oba ýetjek! Şol biderek ýele sowruldygy dälmi?!

Nasta başyny ýaýkady:

— Sen menden köp bilýänsiň, sebäbi sen uly... Ýöne sen düşünmediň, adamlaryň begeneniniň özi nämä degmeýär?! Deýajykly daýhanlaryň şu gün gelenini görmediňmi, olaryň çagalary hem bizden sowgat alyp gitdiler. Adamlar gözel zatlary arzuw edýärler. Fleýta çalan oglanjyk bardyr... Kiçijikkä, onuň elinden tüýdügini alyp, gaýdyp çalmaz ýaly, dodagyna çalyp ýenjipdirler. Ol bolsa ýene täzesini ýasanyp ýene çaldy... Häzir ol konserwatoriýada okaýar. Oňa kakam kömek etdi. Şu guş öýjagazlary... Olary öýdençerler ýasady. Seret her bir detalyna, nähili söýgi bilen edilipdir. Adamalary hiç kim şony etmäge mejbur etmeýär. Heý, şol gözelligi ýok edip bolarmy?!

— Baýsyramak...

Stas egildi-de, çokunylýan ýerdäki yşyga seretdi. Onuň ýüzüne birhili mylaýymlyk aralaşdy.

— Sen dogry aýdýansyň. Hawa, o dünýäde hem adamlar gözelligi we söýgini ýitirmeýärler. Men seniň aýnadylan gyz bolmagyňy islemänim üçin aýtdym. Ataeneň seni gowy görýärler... Meniňkilerem, ýogsam gaty gowy adamlar hem welin, käte maňa düşünmeýärler. Hawa... Biziň uniwersitetimizde gyzlar üçin okuw açyldy... Senem on sekiz ýaşaýaň...

— Sen ýaly bolmalymy menem onsoň? — Nasta güldi.

— Näme üçin? — Stas geňirgendi.

— Okaýan gyzlaryň meniňki ýaly uzyn örümli saçlysy hem ýok...— Nasta inçejik, altynsow dür sapajyklar bilen örülen saçyna elini ýetirdi.

Stas öleňlikdäki burk uryan çeşmäniň ýanyna gelip, oňa hem zeper ýetirmejek bolýan ýaly, seresaplydy.

— Ýok, goý, seniň bu saçlaryň şu durşuna galsyn... Ýöne... Sen razymyň?

— Näme, sen şübhelenýäňemmi?

— Gadyrdanym...

Iki gara birek-birege golaý geldi. Ýaş ýigit çala pyşyrdap aýtdy:

— Men seni görenime begenibem ölerin...

— Ölüm nireden kelläňe geldi?

Ýaş ýigidiň gözni açyldy. Ol hezil edinip güldi:

— Dogrudanam... Biziň öňümizde — durmuş, kynçylykdan doly ýol. Biz häzir adaglansak, soň men saňa özüm ygtyýar bererin. Okuwa gidýän gyzlaryň köpüsi hem şony edýär.

---

1. XIX asyrda erkek adamlaryň daşky görnüşi we özüni alyp barşyna üns berýän sosial-medeni tipi.

— Adaglanmak? — Nasta sowuklaç gepledi, onuň sesinde öýke bardy. Stas muny duýup, bada-bat dyzyna çökdi.

— Men seniň arkaýyn okamagyň üçin ähli şertleri dörederin. Ýöne seni öz pikirime daňyp saklamak isleýän däldirin. Senem meniň ýaly şahsyýet...

— «Men seniň diýeniňi etmek islämok» diýip, kim aýtdy?

Aýyň yşygy iki garanyň ýene ýakynlaşýandygyny saýgartdy.

Uzak bir ýerlerden sanýaly gezelenje çykanlaryň şowhunly sesi eşidilýärdi. Jyňňyrdaşyp, jyňyrdawuk gotazlar daşa gidýärdi... Birdenem däliziň ugrunda şem görnüp, sesler geldi. Ýaş ýigit bilen gyz edil bukuldym oýnundaky ýaly, garaňky çüňkde görünmän oturdylar. Sesler welin has ýakynlaşýardy.

— Näme üçin sen zalesýaly pany öýe getirýärsiň? — Ejesiniň muny erbetlikden däl-de, ýöne ýadaw bolandygy üçin soraýandygy sesinden bildirýärdi.

— Gadyrdanym, ol gowy oglan... Onuň näme günäsi bar... — Bu kakasynyň jogaby.

— Seniň agalaryň günäsi barmydy? Özüň näme erbetlik etdiň? Diňe öz halkyňyza erkinlik islediňiz. Adalat üçin pida bolanlary unudaýmalymy? Beýle etmek gelşiksiz. — Ejesi gaty kesgin gepleýärdi. — Ynha, şu günem karnawalda... Men, dogrusy, iki sany ýetimek — Ganul bilen Agapyň öz kakalarynyň hununy soramaly adamlary bilen oýun edişýändiklerine seredip, janym durmady. Şol seniň agalaryň ahyryn.

Kakasy dymdy, onuň diňe aýak sesi eşidilýär — pan Mihailiň aladaly mahalynda, ikibaka ýöremek endigi bar...

— Ýaş oglan, ol mundan ýigrimi ýyl ozal bolan işi bilýänem däldir. Ol, men-ä ynsaply oglanmyka diýýärin, ol hem öz halky üçin erkinlik isleýär...

Ejesi ajy gülümsiredi:

— Bagyşlamaga we unutmaga — biz belaruslar ökdediris. Sen eýýäm Zalesýanyň bäş asyrlap ata-babaň ýeri bolandygyny hem unudansyň?!

— Magda, sen ýalňyşýaň... Çagalaryň onda günäsi ýok. Geçeni geçdi bilmeli.

— Be-e, onda sen öz gyzyň şolaryň ogluny gowy görmegine hem garşy däldä?! Men muny hiç unudyp bilmeýärin, Mihail...

Aýal aglady. Adamsy oňa köşeşdiriji sözleri aýtdy, gapy ýapyldy, ses hem ýatdy.

Ullakan äpişgeli tamda iki gara galdy. Ýöne olaryň arasyna otly gylyç düşdi.

Birdenem garanyň biri duran ýerinden ylgap gitdi.

— Stas! — Nastanyň gygyrmaga ysgyny hem ýetmedi, onuň çala agzy gymyldady.

Köçeden ýene-de şadyýan sesler eşidildi, jaňlar pessaýlap jyňňyrdady, gapylar ýapyldy — baýramçylyk agşamy soňlandy.

...Şondan soň Zalesýeden agaç çapýan paltanyň we byçgynyň sesi eşidildi, bu ýeri geçen durmuşyň ýadygärligi ýaly garalyp galdy. Bu ýeriniň eýeleri-de ýitirim boldy.

Anastasiýa Karwar gimnaziýany tamamlap, Sankt-Peterburgdaky lukmançylyk akademiýasyna okuwa girdi. Muňa onuň körpe jigisi Anton has begendi — indi oňa uýasy biologiýadan kitaplary we hažžyklaryň gäbini getirip berýärdi.

Deryajykdaky mülkde Rožděstwoda soň bular ýaly şowhunly karnawallar geçirilmedi.

Terjime eden Bägül ANNABAÝEWA

Waleriýa RADUN,
(Belarus Respublikasy)

* * *

Eger men jadygöý bolaýan bolsam,
Seni baýyrlyga giderdim alyp.
Otjagazyň gyzarypjyk görünýän
ýerine gyş güni gülälek bolup.

Eger ýaradylan bolsam guş bolup,
Üstüňdäki tümlükleri ýakardym.
Hasa dönen çiti bilen ýaraty
ganatlarmyň, ukulary ýapardym.

Eger-de men deňiz bolaýan bolsam,
Çuňluklara alyp giderdim seni.
Labyryň tanapyn kesip düýbünden,
Serperdim tolkunlaň penjiresini.

Bolan bolsam eger meniň hut özüm,
Galardym men şu ýerde şu bolşuma.
Pikir edip: «Degýändir bu, belki-de,
paýhasyňy aldyranňa durşuna».

GIJE

(triptih — üçleme)

1

Gije wagtyň ülşi.
Ýok.
Asyl durky barsynyň.
Guş sürsüniň howada
boluşy deý tansynyň.

Men
Eşdýän
Ony.
Men
Göryän
Ony
Misli penjireden
ýaşyl çyrany.
Göwnüme onuň
bar ýaly jany.

2

Gije öwredýär oýlamagy,
Aglamagy,
agtarmagy,
Owmagy tagtalaryny kagyzyň,
Büküdip, göz ýetmekden
Päk däldigiňe özüň.

Ýazmagy
Bölekleýin,
Ýüplük deýin,
Aňyňdaky ýagtydan.
Hem
yzyňa
dolanmagy
Gaýtadan.

3

Gije päkisi Okkamaň,
Ýonýar ol artykmaçlary,
Gözleň açylýar mejbury —
Tümi bilen uranda, sen
Bolýarsyň misli tok kakan,
Hem görnende bolup ýyldyz,
aýnasynda läbikleriň.
Ölüp bolmaz,
Undup bolmaz,
Ýitip bolmaz ...
Sylyp bolmaz
Ýüzündäki nemlerin.
Hem däl hökman...

* * *

Nämüçindir, ýaramdan daňym ýene sypyrýan,
Täze yzam ýadymdan, belki, giçdir öçerden?
Mis ýapraklaň toplumny üýşürsem top oky deý
ganym düşelgesinde, batyp men çalpaw ýerde.

Haçan-da bolsa bir wagt aýyryn ýüreginden,
mürşük ýüzünden goja rysarlaň yzasyny.

Wagtyndan öň alnan bat, boş hyýallar kän çenden,
Tiz ýitirýär poslan sowut suwda ýylpyldysyny.

Bolmaz ötüp tokaýdan — demir däl, ýowuz ondan,
Ýürekden daş asylan ýaly, duýulýar agyr,
Şo sebäplem şo ýerde dykyn alýar al gandan.
Näme üçin beýle jepa maňa berildi ahyr?

* * *

Sowuk nokady Weganyň,
Hem Aý saçýar dury nurun.
Ber-başagaý ylgaşykda
Men mydam arkaňda durun.

Sende güman şineledip,
Hem bilip edýäniň gahat,
Men şol — saňa diýip biljek:
«Öz-özüňden çekin, Ahab!»

Çakdanaşa köp bilýärin,
bilmelisinden kömekçiň.
Uzak boldum men ýanyňda,
saklaryndan awun awçyň.

Buýrugyňy ýetirer ýel,
Ýöne men diýmen: «Gideýin».
Bar ahyr jahanda dostluk,
Kösençlikde-de şuň deýin.

* * *

Sary bu asman,
Sary asfaltlyk,
Kürekler sary,
Sary alyslyk.

Sary ýapraklar,
Nagyşy sary,
Ejem perdesiniň
sarydyr tary.

Howa dup-dury
didiwan deýin...
Diýmek, dälmidir?
Ömürmi, meýil?

Yzamy, şatlyk? ...
Günden dert bary —
Sary gijeler,
düýşlerem sary.

Terjime eden
Çemen ANNABERDIÝEWA